# Ýürek gözläp

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Ýürek gözläp ÝÜREK GÖZLÄP



Göz gyzdyrman başga zada,
Gezdim ýürek gözleginde.
Ýalňyşlyklar ýazgyt paýym,
Şowsuzlyklar gözlegimde.
Bitmejek däl – bitirmek kyn,
Şol gymmatla hyrydardym.
Ýetilmedik bir islegim,
Çyn ýürekden – çyna zardym.

Aýasynda hödürlänler,
Juda çyna berimsizdi,
Ýa – ha olar örän ýeser,
Ýa – da çakdan görümsizdi.

Tapyljakmy, kim başarjak,
Añsat ýaly göräýmägä.
Ýürek gerek – hödürläre,
Ýürek gerek – beräýmäge.

28.04.2018 Goşgular